# Garynja ýüzüniñ adatdan daşary fotosuraty bäsleşikde ünsi çekdi

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Garynja ýüzüniñ adatdan daşary fotosuraty bäsleşikde ünsi çekdi GARYNJA ÝÜZÜNIÑ ADATDAN DAŞARY FOTOSURATY BÄSLEŞIKDE ÜNSI ÇEKDI




*Eugenijus Kawaliauskanyñ düşüren we baýraga mynasyp bolan garynja ýüzüniñ fotosuraty* ***(Eugenijus Kavaliauska/Nikon Small World/Insider)***

Adamlaryñ ünsüni çeken garynja ýüzüniñ fotosuratyny düşüren sufatçy mikroskobik fotosuratçylyk boýunça yglan edilen «Nikon» bäsleşiginde baýraga mynasyp boldy.
«Insider» habarlar gullugyna interwýu beren litwaly fotosuratçy Eugenijus Kawaliauskas tokaýyñ eteginde ýaşaýan

garynjany ýüzüniñ täsin detallary bilen 2022-nji ýyl boýunça «Nikon Kiçi dünýä fotomikrografiýa» bäsleşiginde görkezilen garynjany ele salmagyñ surata düşürmegi añsatlaşýandygyny aýtdy.
Garynjanyñ ýüzüniñ mikroskop astynda bäş esse ulaldylan suraty köp kişiniñ garynjalary surata alanda aklyna gelip biljek meñzeşlikler bilen gabat gelmeýän taraplary köp: Fotpsuratdaky ýüzüñ gyzyl gözüniñ we syh-syh bolup duran altyn dişler ýaly syrnagynyñ adamy eýmendirip biljek gorkunç görnüşi bar.
Suratda muña jogap edip: «Tebigatda gorkunç zat ýok» diýdi.
Kawaliauskas «Insider»-e: «Hemişe aýratynlyklary, jikme-jiklikleri, kölegeleri we görünmeýän çüñkleri gözleýýlän. Suratçynyñ bar maksady gezendelik bolmaly» diýdi. «Ýaradanyñ ýaradan añrybaş eserlerini çyzgylaryny görmek mümkinçiligi meni jadylaýar».
Geçmişde ýyrtyjy guş fotosuratlary bilen baýraklara mynasyp bolan Kawaliauskas surata düşüren bu täsin suraty bilen birinji orna mynasyp bolup bilmedi.
Baýrak we ýany bilen berilýän 3 müñ dollar Ženewa uniwersitetinden Grigoriý Timine we Mişel Milinkowiçe berildi. Olara madagaskar hažžygynyñ öñki aýagynyñ penjesiniñ göz gamaşdyryjy suraty baýrak gazandyrdy.




Fotosurat bäsleşigini kyrk sekiz ýyldan bäri geçirip gelýän «Nikon» tehnologiýanyñ güýjüni görkezmegi we birnäçe fotosuratdan diñe birini sylaglandyrmagy maksat edinýär.
Kompaniýanyñ 2022-nji ýyl boýunça bäsleşigine 1300 adam gatnaşdy, öñdeligi eýelänleriñ ady geçen hepde mälim edildi.
Iñ gowularyndan başga-da, berilen baýraklar erbet däl: Kawaliauskas gymmaty bary-ýogy 35 dollara durýan «Nikon» satuw

enjamyny aldy.
Kawaliauskas ýaly bäsleşige gatnaşmak isleýänlere 2023-nji ýyl boýunça ýüz tutmagyň açylýandygy habar berildi.
Abe AŞER.

21.10.2022 ý. Haýwanat dünýäsi